# Iş dünýäsine «Garri Potterden» almaly bäş sapak

Category: Kitapcy,Pedagogika we edep-terbiýe,Romanlar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Iş dünýäsine "Garri Potterden" almaly bäş sapak IŞ DÜNÝÄSINE «GARRI POTTERDEN» ALMALY BÄŞ SAPAK




«Garri Potter» romanlar tapgyry ilki eserleri, soñra kinofilmleri arkaly bütün dünýäniñ ünsüni özüne çekmegi we millionlarça adamyñ başyny jadyly dünýäde jemlemegi başardy. Ol häzirem gün geçdigiçe täze muşdaklar gazanmaga dowam edýärler we «Hogwarts» maşgalasy barha ulalýar.
«Garri Potteriñ» dünýäsi ajaýyp çeper fantaziýasy bilen adama kän zatlary öwredip bilýän eserler tapgyry. Şonuñ üçin bizem öz gezegimizde «Garri Potterden» alyp öwrenmeli zatlary siziñ bilen paýlaşmagy makul bildik. Durmuşda adamy rowaçlyga alyp barýan käbir şertler hemme ýerde birmeñzeşdir. Bulara dogry amal edenligiñizde üstünlik gazanyp ýa-da isleýän zadyñyzy edip bolmajak zat ýokdur.
Geliñ, onda «Garri Potteriñ» jadyly dünýäsinden susulyp alnan sapaklar näme, bilelikde göreliñ…

- **Dogry Networklary guruñ!**

Hawa, baş gahrymanymyz Garri Potter paýhasly we gaýduwsyz ýigdekçe. Ol hemişe saýlap alan kararlary bilen ýeñiş gazanyp geldi. Iñ dogry amal edýän işi bolsa kim bilen dost bolýandygy we kim bilen gatnaşyk saklaýandygydy. Köplenç daş-töweregini gurşap alan adamlary bolmasa, bireýýäm çaña bulaşyp galardy ýa-da çykgynsyz ýagdaýlaryñ girdabyna düşüp bilerdi. Garri

eseriñ başky bölüminde saýlaw şapkasyna gitmezden öñ basgançaklaryñ üstünde durka Malfoý bilen özara gürrüñinde «Minnetdar. Emma dost-ýarlarymy özüm saýlaryn» diýip, Ron bilen dost bolmadyk bolsa, durmuşy düýbünden başga tarapa özgererdi. Gahryman hemişe dogry adamlar bilen dost bolýar we gatnaşýar. Hermiondyr Dobbi we başga-da birnäçe kişiler bilen guran dostlugy onuñ durmuşyny nijeme gezek halas edýär.
Garri ýaly dogry gatnaşyklary açyp bilmek şahsy durmuşyñyz üçinem, iş durmuşyñyz üçin üçinem juda zerurdyr. Geldi-geçer we ýasama gatnaşyklary açmagyñ tersine, hakyky we güýcli gatnaşyklary açyp, her dürli kynçylygy ýeñip geçip bilersiñiz.

- **«Ýekäniñ çañy çykmaz»: Bir özüñiz akylly bolanyñyz ýeterlik däl!**

Dogry, Garri diýseñ akylly çaga, emma meñ pikirimçe okyjylar «Garri Potterdäki» iñ akylly gahryman diýip Hermione saýlasalar gerek. Meñ pikirimçe Hermion bolmasa, Garri uzaga gitmän ölýär ýa-da birnäçe meseläni özbaşdak çözüp bilmeýär. Emma Hermionyñ «pelsepe daşynda» aýdylyşy ýaly, «Kitaplar we paýhas! Emma has wajyp zatlar bar – dostluk we batyrgaýlyk».
Akylly-başly bolmak bahasyna ýetip bolmajak artykmaçlyk, emma ony-da dogry ulanmak gerek (Tom Riddl hem juda akyllydy) hem-de ýeke özüñ akylly bolanyñ ýeterlik däl. Özüñi hemmetaraplaýyn kämilleşdirmek we akyl-paýhasyñyzy dogry ugurlara gönükdirmek gerek. Hemmeleriñ aklyna belli-başly pikirler gelip bilýär, bu döredijilikli paýhasyñ miwesi bolup biler, emma bulary durmuşa geçirmek üçin hòkmany suratda başga aýratynlyklara-da eýe bolmagyñyz gerek.

- **Hemişe batyrgaý boluñ!**

Käte ýeke oñarmaly işimiz – töwekgellikdir. Garrini beýleki obrazlardan saýlap öñe çykarýanam onuñ batyrgaýlygydyr. Garri hiç wagt gorkanok, ýöwsel däl. Beýtmek kämahal öte akmaklyk ýaly bolubam görnüp biler, emma nämedir bir zatlary etmän oturandygyñyz üçin hiç hili puşmanlyk duýgusyny götermersiñiz. Garri birinji gezek Kuiddiç biken oýnajak bolanda gorkan

däldir öýdýärsiňizmi? Ýa-da Woldemorty tüm-garaňky tokaýda birinji gezek sataşanda? Elbetde gorkdy, emma ýoluna dowam etmelidigini bilen ýerinde asla yza tesmedi.
Anyk dogrudygyny bilýän zatlaryňyzy edende birjigem yza ädim ätmäň. Täzeçillikden gorkmaň we öňe ädim ätmekden çekinmäň. Täze işe girmäge ýa-da girişmäge ýaýdanmaň. Diňe dogry işine edýändigiňize ynanyň. Batyrgaýlyga hemişe alkyş okalýandyr we sylaglanýan zatdyr. Şeýle Newil Longbottomyň dostlarynyň «pelsepe daşynyň» saklanýan otagyna girmäge päsgel berjek bolanda-da görkezen batyrgaýlygy arkaly «Gryffindor» şol ýylyň iň köp utuk gazandyran bölümi bolupdy.

- **Şübhelenmelerden gaça duruň!**

Şübhelenme (önyargı) we Garri Potter diýlende, ilki bilen ýada düşjek obrazlaryň birem professor Sneýpdir. Garriniň janköýerleri onuň çapraz, erbet niýetli adamdyr öýdýär, öýtmez ýalam däl, ol diýseň tagaşyksyz we gödek hereket edýär. Emma ol hemişe Garrini goldap, gorap gezýär…
Diýjek bolýan zadymyz – şahsy durmuşyňyzda-da, iş durmuşyňyzda-da kimdir birilerine ýeterlik tanaman ynanmazlyk etmäň, ýazgarmaň. Hemme zat hemişe daşyndan görnüşi ýaly bolmanam bilýär. Seljeriň, mazaly öwreniň, soň belli karara geliň. Şobada netijä gelmäň, ýogsam kinofilmiň soňunda gözüňizden biygtyýar akan ýaşlara erk edip bilmersiňiz…

- **Hemişe agras bolmaň!**

Elbetde, agraslyk iş dünýäsi üçin iň gerekli wajyp zatlaryň biri. Netijede siz ýeňil-ýelpaý iş edeňzok, işiňiz jogapkärli we siziň muňa çynlakaý garaýandygyňyzy görkezmegiňiz üçin wala-wala edip ýörmezligiňiz gerek. Emma bu hiç wagt gülmän-ýylgyrman, gaşyňyzy çytyp ýörmelidigiňizi aňlatmaýar. Hususanam aram-aram degşip-gülşüp durmak we başgalaryň göwnüni awlamak gatnaşygyňyzyň motiwasiýasyny hem-de dostanalygyny ýokarlandyrar.
«Zümerret ýoldaşlygynda» professor Umbrijiň ýowuz talaplaryndan ýadan çagalary öňki ýagdaýyna dolap getirýän

Freddi we Jorj Weslini ýatdan çykarmañ. Käte ýekeje ýylgyryşyñ uçguny hemme zady gülala-güllük edip, ähli ýagşy umytlary gül açdyryp biler. Yzyndan işiñize has ykjam ýapyşmagyñyza getirer. Galyberse-de, işiñizi edip durkañyzam şähdaçyk bolarsyñyz, süññüñizi ýeñil duýarsyñyz…

24.02.2020 ý.

Jemre ÜÇHISARLY.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Pedagogika we edep-terbiýe